# Täze ýyla arzuwlarym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Täze ýyla arzuwlarym TÄZE ÝYLA ARZUWLARYM




1.
Gözel günleň kerwenin
Çekip gel sen, Täze ýyl.
Paýhasy bol serleriň,
Kalba – ylham, Täze ýyl.

Işçi üçin kuwwat bol,
Daýhan üçin gaýrat bol,
Il-gün üçin şöhrat bol,
Bagt bolup gel, Täze ýyl.

Gözellik bol güllere,
Bereket bol pellere,
Şat aýdym bol dillere,
Gülüp gel sen, Täze ýyl.

Bol sen dünýäñ ýaşlygy,
Biz ýaşlygyñ aşygy,
Söýgi bolup işigi
Kakyp gel sen, Täze ýyl!

2.

Heniz bu güne çen arzuw edemde,
Göçgünli gürledim,
Uludan tutdum,
Aýa uçup,
Arşa galyp her demde,
Aýagymyñ ýerdeligin unutdym.

Özleşdirip jeññelikleñ ýerini,
Pagta eksem,
Zawod diksem – diýdim men.
Öwrenip älemiñ müñ bir syryny,
Tebigatdan üstün çyksam diýdim men.

Geldi ynha, arzuw eden çaglarym,
Hyýallarym hasyl boldy yrýasyz.
Döretdim men «ak altynyñ» daglaryn,
Çogdurdym men «gara altyn» derýasyn.

Ýöne, entek bu ýeterlik däl eken,
Owadan dünýäde ömür sürmäge.
Adamzada päsgelçilik kän eken,
Döretmäge,
Göreşmäge,
Gurmaga.

Indi görsek, hergiz däl eken ownuk,
Birmahalky ownuk saýylan zadam.
Asyl dünýäñ ýüzi bolaýjak gowluk,
Öz-özüne päsgel bermände Adam!

Azmy nä bir bähbit boljagny bilse,
Aýagyñdan kakjak, tapyp çemini.

Täze ýyla arzuw etmeli bolsa,
Dilärdim men şu keseliñ emini!

«Suw getiren bilen küýze döweni»
Deñ saýmak deý meýlimizden gaýdaly.
Dost saýmaly ýüzümize öweni,
Dost saýaly ýüzümize aýdany!

Arzuwlar aýtmaly bolsam men ýene,
Başlardym men ownuk gören zadymdan.
Obada ýaşaýan bir garry ene
Kyrkçillede kösenmesin odundan.

Paýhas dünýämizde ýaşasyn diri,
Hakykat deregne geçmesin karam.
Ýene-de iñ gorkýan zatlarmyñ biri –
Kagyzyñ ýüzünde galmasyn karar.

Arzuwlarmy diñläp,
Diñläp ahymy,
Diýmäñ mana: «Ownap ýörmüñ sen ýada?!…»
Bu durmuşda ownuk zat ýok ahyry,
Kiçi zat ýok,
Bu ullakan dünýäde!

Tirkeş SADYKOW. Goşgular